# Özime öwüt

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özime öwüt Galam alyp kagyzyňa çenäñde,
Sünnale setirňi harsal bolmasyn.
Eger ussa bolsaň ýasan senediñ,
Görene göz gyjalata galmasyn.

Gyssanma, howlukma işläp başlañda,
İň çeper sözleri geçir elekden.
Tankydyň tyg bolup tene batsynda,
Öwgi bolsa ýumşak bolsun ýelekden.

Suslanma-da,ýadama-da susup al,
Çägi ýokdur bu edebi ylymyñ.
Çyn mukamçyň perde basyşy yaly,
Zehiniňe gulluk etsin galamyñ. Goşgular